global witness

HEMME ZAT GAZ ÜÇINMI?

ÝEWROPA BILELEŞIGINIŇ TÜRKMENISTANYŇ DIKTATORYNYŇ ÖŇÜNDE EGILMEGINIŇ NÄDOGRULYGYNYŇ BÄŞ SEBÄBI

TÜRKMENISTANDAKY häkimiýet, dünýädäki iň eziji häkimiýetleriň biri hasaplanýar.[1] Bu ýagdaý, ýurdy demir penjesinde saklan Saparmyrat Nyýazow ölenden soň häkimiýet başyna geçen Gurbanguly Berdimuhammedowyň dolandyran üç ýylynyň içinde hem üýtgewsiz galýar. Ýurtdaky metbygat, dünýädäki iň bir erkin däl metbugat bolup[2], parahorluk Nyýazowyň ölmeginden soň has hem artdy diýip hasaplamak bolar[3]. Hiç hili syýasy garşydaşlyga ýa-da köpçülikleýin syýasy çäre geçirmeklige rugsat edilmeýär. Türkmenistan henizem polisiýa döwleti bolmagynda galýar.

ÝEWROPA HÖKÜMETI (European Commission), Ýewropa Bileleşigine agza döwletleriň käbiriniň goldamagynda, energiýa çeşmelerini ygtybarlandyrmak umydy bilen ine şu halanmaýan häkimiýete dostluk goluny uzadýar. Russiýa bilen Ukrainaň arasyndaky jedeller, soňky üç ýylyň dowamynda iki gezek gazyň akyşynyň kesilmegine sebäp boldy, bu ýagdaý bolsa Ýewropa Bileleşiginiň täze gaz çeşmelerini gözlemegine itergi berdi. Bu gözlegiň ahyrky maksady, Türkiýe bilen Awstriýany birleşdirjek, ertekä çalymdaş **NABUCCO** gaz geçirijisini gaz bilen üpjün etmekden ybarat. Ýewropa Hökümeti, ýagdaýy nädogry seljermek bilen, Türkmenistany bu gaz geçirijisini üpjün edip biljek ygtybarly çeşme hasaplaýar.

Ýewropa Hökümeti, Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň bu ýurtda oňyn özgerişlere ýol açjakdygyny öňe sürýär. Ýöne şu wagta çenli geçirilen gepleşiklerden çykýan netije, bu hyzmatdaşlygyň hiç hili deslapky şertleri öňe sürmezden başlanjakdygyny görkezýär. Başgaça aýdamyzda, Türkmenistana göz gamaşdyryjy gaz şertnamalary sowgat ediler, gaz we pul garşylyklaýyn akyp başlandan soň bolsa Türkmenistanda oňyn üýtgeşiklik diýseň az bolar.

Ýewropa Hökümetiniň seljermesiniň nädogrulygynyň bäş sebäbi şulardan ybarat.

ÝEWROPA BILELEŞIGINIŇ TÜRKMENISTANYŇ DIKTATORYNYŇ ÖŇÜNDE EGILMEGINIŇ NÄDOGRULYGYNYŇ BÄŞ SEBÄBI

Türkmenistan, halkyny ezýän ýurtlaryň arasynda,Burma bilen bilelikde iň erbet ýerde görkezilýär.[1]
Surata düşüren: Panos/Carolyn Drake

1 ÝEWROPA HÖKÜMETI, RUSSIÝANYŇ WAGTAL-WAGTAL GAZY KESMEGINE GARŞY ÝEWROPANYŇ BIALAÇ GALMAZLYGY ÜÇIN, TÜRKMENISTAN BILEN HYZMATDAŞLYK ETMEK HÖKMANYDYR ÖÝDÝÄR. BEÝLE PIKIR ETMÄGE DÜÝPLI ESAS ÝOK.

Ýewropa Hökümeti, gaz üpjünçiligi üçin Türkmenistana ýüz tutýar, sebäbi mundan beýläk Ukraina bilen Russiýa arasyndaky düşünişmezliklerde gaz akyşynyň kesilmegi zerarly zyýan çekmek islemeýär. Ýöne häzirki ýagdaýda Türkmenistan Ýewropa ýylda 10 mlrd.[4] Kub metr gaz satmagy teklip edýär,bu bolsa Ýewropa Bileleşigi sarp edijileriniň ýylda sarp edýän 500 mlrd. Kub metr gazynyň bary - ýogy 2%-ini düzýär. Görşümiz ýaly Türkmenistan, Ýewropanyň energiýa meselesinde Russiýa bolan garaşlylygyny aradan aýyrmaga ukyply däl.

Ahyrky maksadyň Ýewropa Bileleşigine gaz üpjün etjek «Günorta Geçirijiniň» gurulmagydygyny, muňa diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem beýleki Aziýa ýurtlarynyň hem gatnaşmagynyň göz öňünde tutulýandygyny aýtdy. Şu wagt bu ugurdan gelýän gaz diňe Ukrainanyň üstaşyr Russiýadan gelýär. Diýmek, indiki maksat, Hazar deňziniň üstünden geçiriljek gaz geçirijisi arkaly Azerbaýjan bilen Türkmenistany birikdirmek, tebigy gazy Gruziýanyň üstaşyr Türkiýä eltmek, şol ýerdenem Nabucco gaz geçirijisine birikdirmek bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedow (çepde) we Russiýanyň Prezidenti Medwedew. Ýewropa Hökümeti, sagdaky adamyň ygtybaryna müňkürlik edip, çepdäki ygtybarsyz adama ýüz tutýar. *Surata düşüren: M. Klimentiyev/RIA Novosti/Kremlin Pool/ Epa/Corbis*

«Nabucco hakda kiçijik umyt uçgunjygynyň döremegi üçin, Türkmenistan häzirki edýän işiniň iki essesini etmeli bolar».[11]

JIM GILLETT, **GAFFNEY, CLINE & ASSOCIATES**

ABŞ-nyň öňki energiýa boýunça diplomaty Stiw Mann, Russiýadan gaz akyşynyň kesilmegi meselesiniň "çişirilendigini", şu gorky bilen ykdysady taýdan girdejisiz gaz geçirijilerine umyt baglamaga howlukmaly däldigini aýdýar. Mann, Ýewropanyň energiýa howpsuzlygynyň "geçirijilerden başga ýollar bilen hem üpjün edilip bilinjekdigini, iň oňat usulyň, Ýewropa boýunça energiýa geçirijileriniň arabaglanyşygyny amala aşyrmakdygyny, bu usulyň bolsa şu wagt eýýäm durmuşa geçirilýändigini" aýdýar.[5]

Energiýa çeşmelerimizi diwersifikasiýalaşdyrmak elbetde oňyn ädim, ýöne bu maksat bilen Türkmenistana ýüz tutmagyň özi aladalandyrýar. Esasanam, bu ýurtda şu wagt elýeterli bolan gazyň mukdaryny göz öňüne getirsek, aladalanmaga hasam köp esas döreýär.

Bir ygtybarsyz gaz üpjünçisiniň (Russiýa) ýerine Türkmenistan ýaly has ygtybarsyz başga bir üpjünçini goýmak arkaly meseläni çözüp boljakdygyny öňe sürmek gülkünç pikirdir.

2 ÝH, TÜRKMENISTANYŇ ÝEWROPA ULY MUKDARDA GAZ SATMAGA TAÝYNDYGYNY WE MUNY AMALA AŞYRYP BILJEKDIGINI ÇAKLAÝAR. ÝÖNE BEÝLE BOLMAN BILER.

2008-nji ýylyň Oktýabr aýynda Gaffneý, Klaýn & Assoşieýts guramasy tarapyndan geçirilen audit barlagynyň netijesinde, Türkmenistanyň tebigy gaz gorlary boýunça dünýäde iň azyndan dördünji orunda

durýandygy mälim edildi. İň uly gaz känleri gury ýerde ýerleşýär, ýöne häzirki döwürde bu ýerlerden çykarylýan gaz, esasan, içerki sarp ediş we Russiýa, Hytaýa we Eýrana eksport maksatly ulanylýar.[6]

Hazar deňziniň astynda hem gaz gorlary bar, emma bu ýerleriň eýeçiligi meselesinde Türkmenistan bilen Azerbaýjanyň arasyndaky jedel dowam edýär. Russiýa bilen Eýran hem Hazarýaka döwletleri bolup, öz peýdalaryna hyzmat etmejek gaz geçirijisi pikirine oňyn garamasalar gerek[7]. Türkmenistan bilen gyzyklanýan Günbatar nebit şereketleriniň biriniň ýolbaşçysy Ähliumumy Şaýat (Global Witness) guramasyna şeýle diýdi: «Russiýanyň bu meselede kömek etjekdigini çaklaýanlar bar bolsa, ýene bir gezek ýalňyşarlar».[8]

Kenarýakadan başga-da, Hazar deňziniň ýerastynda gaz gorlarynyň barlygy mälim, ýöne bu gorlaryň «Günorta Geçirijisini» gaz bilen üpjün edip biljek mukdardadygy ýa-da däldigi anyk bilnenok. Nabucco konsorsiýumyna agza käbir adamlar, Leeds Uniwersitetinde işleýän Türkmenistan meselesinde bilermen Maýkl Denisona beren gürrüňlerinde deňiz astyndan çykaryljak gaz üçin «tamalarynyň gaty bir ýokdugyny» aýdýarlar. Elbetde, Merkezi Serdar/Kepez ojagynda ýeterlik gaz bar, ýöne bu ojak Azerbaýjan bilen Türkmenistanyň arasyndaky jedelli serhet zolagynyň edil üstünde ýerleşýär.[9]

Hatda Hazar deňzinden üstaşyr gaz geçirijisi gurlaýanda-da, onuň doly ulanylmaga berilmegi üçin azyndan 5-10 ýyl gerek bolar, Nabucco taslamasy üçinem takmynan şonça wagt gerek bolar. Bu gaz geçirijisini gurmak üçin ummasyz çykdajy edilmeli, şeýle hem Gruziýadan we Türkiýeden geçmesi kyň ýerlerden geçmeli bolar. Energiýa Öwreniş baradaky Oksford İnstitutynyň gaz seljeriş müdiri Jonatan Stern hem Nabucco taslamasynyň durmuşa geçirilmegi mümkinçiliginiň azlygyny aýdýar, onuň pikiriçe, «bu gaty kyn mesele».[10]

Şeýle hem, onuň gurluşygy maýa goýumçylary üçin girdejili bolmalydyr. Munuň şeýle bolup bilmegi üçin bolsa, gaz geçirijisini doldurarlyk mukdarda gazyň üpjün edilmegi zerur. Gaffneý, Klaýn & Assoşieýtes iş ösdüriş bölüminiň ýolbaşçysy Jim Gilletiň 2009-njy ýylyň başynda aýtmagyna görä «Nabucco hakda kiçijik umyt uçgunjygynyň döremegi üçin, Türkmenistan häzirki edýän işiniň iki essesini etmeli bolar».[11]

Diýmek, Ýewropa barýan gaz geçirijisi gurlaýanda-da, Türkmenistan bu geçirijini gaz bilen üpjün etmäge taýyn bolman ýa-da islese-de amala aşyryp bilmän biler. Türkmen hökümeti mundan öňem birnäçe gezek Ýewropa Bileleşigini we dürli ýurtlary gaz bilen üpjün edip biljekdigi barada wadalar beripdi. Emma taryhy nukdaýnazardan seredemizde, ýurtda nebit we gaz pudagyndaky eden-etdilik sebäpli, Türkmenistan önümçilik meýilnamasyny hiç wagt amala aşyryp bilmän gelýär: bu pudagy dolandyryp biljek tejribeli hünärmenler ýetmezçilik edýär, infrastruktura bolsa maýa goýumlaryna mätäçlik çekýär.

2009-njy ýylyň Oktýabr aýynda Berdimuhammedow bu pudagyň ýolbaşçylarynyň hemmesini diýen ýaly boşatdy, olary «bütinleý nalajedeýin»12 diýip, «nebit öndürilişiniň artmagyň deregine, yzygiderli pese gaçmagy»13 bilen günäkärledi. Munuň özi Berdimuhammedowyň bary-ýogy on dört aýyň dowamynda energetika pudagynyň ýokary derejeli ýolbaşçylaryny bassyr 5-nji gezek çalyşmagy diýmek.

Bu gezekki ýolbaşçy çalşygy bilen bilelikde, Türkmenistanyň energiýa gorlaryny artdyryp görkezenligi pikiri hem öňe sürülýär.[14] Gysgaça

Berdimuhammedow, Nyýazowyň mydama güne seredip durýan heýkelini aýyrmak hakdaky wadasyny entegem ýerine ýetirenok.
Surata düşüren: Ähliumumy Şaýat

aýdamyzda, Türkmen gaz pudagynda ýagdaýyň bulaşyklygy we yapyklygy sebäpli, geljekdäki gaz öndürilişini anyk çaklamak mümkin däl.[15]

Ýewropa Hökümetiniň Energetika Wekili Andris Piebalgs hem ähtimal şu ýagdaýy göz öňünde tutup şeý diýýär: «Sebitdäki beýleki ýurtlar hem ygtybarly gaz öndürijiler bolup durýarlar. Türkmenistandan tapylmagy çaklanylýan gaz, çaklanylýan mukdardan gaty az bolaýanda-da, beýleki gaz öndürijiler arkaly Nabucco taslamasyny durmuşa geçirmek kyn bolmasa gerek.»[16] Görşümiz ýaly, Türkmenistana dostluk goluny uzatmak ugrunda biri-birimizden öňürtmäge çalyşmagyň geregi ýok, bu hereketiň özi akyllylykdan nyşan däl. Eýsem-de bolsa, biz näme üçin bu ugurda öňürtmek üçin ýaryşýarys?

3 ÝEWROPA HÖKÜMETI, TÜRKMENISTAN BILEN GATNAŞYKLARDA MYLAÝYM BOLMAK ARKALY, BU ÝURTDAKY ADAM HUKUKLARYNYŇ DEPELENMEGINI AZALTMAGY UMYT EDÝÄR. ÝÖNE MUNUŇ BEÝLE BOLJAGYNY SUBUT EDÝÄN ALAMATLAR GATY AZ.

Ýewropa Hökümeti we Ýewropa geňeşi Türkmenistan bilen Wagtlaýyn Söwda Ylalaşygynyň tassyklanmagyny isleýärler, ýöne bu ylalaşygyň Türkmenistanyň raýatlarynyň ýaşaýşynda nähili oňyn özgerişliklere ýol açjakdygyny görkezýän meýilnamalary ýok. Ýewropa Parlamenti ilkibada bu ylalaşyga garşy çykyp ýöne henizem güýçli garşylygyň dowam edýänligine garamazdan, Hökümetiň we Geňeşiň talap etmegi netijesinde 2009-njy ýylyň Aprel aýynda ylalaşygy tassyklady.[17]

Ýewropa Hökümeti, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň ýurtda halkyň bähbidine boljak özgerişleri amala aşyrýanlygyny öňe sürýär: Ýewropanyň Daşary İşler Wekili Benita Ferrero-Waldner, Ýewropa Parlamentinde 2009-njy ýylyň Mart aýynda bolan oturylyşykda eden çykyşynda «Türkmen hökümetiniň ösüşe we özgerişlere bolan güýçli islegi» hakda durup geçdi.[18]

Türkmen hökümeti, Ýewropanyň adam hukuklary meselesinde «öňe gidişligiň» zerurlygyny nygtamagyna jogap edip, möhüm bolmadyk käbir özgerişleri amala aşyryp, geljekde ol özgerişleri yzyna gaýtarmak arkaly Ýewropanyň bu talaby bilen nädip oýnamalydygyny öwrenýän bolmagy hem gaty ahmaldyr. Bu özgerişleriň zerurlygy göze dürtülip duran hem bolsa, olaryň durmuşa geçirilmegi bilenem Türkmenistanyň ýaşaýjylarynyň köpüsi üçin

Täze bir şahsyýet kulty döreýär: Türkmenistanyň Prezidenti Berdimuhammedowyň suraty, ilkinji Prezident Nyýazowyň heýkeli bilen ýüzbe-ýüz. *Surata düşüren: Ähliumumy Şaýat*

“Biz onuň (Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Nyýazowyň) sarpasyny elmydama saklarys, ol asyrlar boýy biziň halkymyzyň hakydasyndan çykmaz, sebäbi ol biziň ýurdumyz üçin diýseň köp işler bitirdi. Aslynda, biz häzir onuň mirasyny dowam etdirýäris”.[33]

PRESIDENT BERDYMUKHAMEDOV OF TURKMENISTAN

üýtgejek zat ýok diýen ýalydyr. Bu özgerişler diňe Ýewropada käbir toparlaryň, Türkmenistan bilen «hyzmatdaşlygyň» oňyn netije berenligini yglan etmegine itergi berer. Elbetde, raýatlar hökümetiň demokratiki däl we gaty dar düşünjelerine garşy çykmasalar, olara azar berilmeýänligini hem aýtmak mümkin. Ýöne hökümetiň nukdaýnazary şeýle dar bolup, goňşy Gyrgyzystandaky Amerikan uniwersitetine okuwa gitmek isleýän ýaşlar Bilim ministrligi tarapyndan «dönük» yglan edilip, olara daşary ýurda çykmak gadagan edilýär.[19]

Ýurduň resmi syýasatynyň daşyna çykan diýlip hasaplanýan raýatlar (we olaryň dogan-garyndaşlary) Türkmen organlary tarapyndan sebäpsiz ýere tutulyp, haýbat atylyp, hatda gynalyp hem bilinýär. Şu wagt sürgünde ýaşaýan syýasy hereketçileriň biri şeýle raýatlaryň ýagdaýyny «Orta asyrlardaky ýaly» diýip suratlandyrýar.[20]

Türkmenistanda jemgyýetçilik guramalarynyň erkin iş alyp barmagynyň mümkin däldigini aýdyp oturmagyň hajaty hem ýok.Daşky gurşawy goramak üçin çykyş



Ýewropa Bileleşigi, hakykatdanam Türkmenistanyň raýatlarynyň aladasyny edýärmi ýa diňe gaz isleýärmi?
Surata düşüren: Ähliumumy Şaýat

Şu wagt sürgünde ýaşaýan syýasy hereketçileriň biri ýurduň resmi syýasatynyň daşyna çykan raýatlaryň ýagdaýyny «Orta asyrlardaky ýaly» diýip suratlandyrýar.

edýän Andreý Zatoka, raýata bilkastlaýyn zeper ýetirmek günäsi bilen 2009-njy ýylyň Oktýabr aýynda Türkmen häkimiýeti tarapyndan bäş ýyl azatlykdan mahrum edildi. Hakykatda bolsa, onuň özüne bilkastlaýyn zeper ýetirilipdi. Zatokanyň azatlykdan mahrum edilmegi karary,halkara jemgyýetçiliginiň güýçli talaplary netijesinde, pul öweztölegine öwrüldi we Zatokanyň daşary ýurda çykmagyna rugsat edildi.[21]

Zatoka 2006-njy ýylda-da azatlykdan mahrum edilip, Berdimuhammedowyň prezidentlige saýlanmagyndan soň yglan eden günä geçişliginde azatlyga goýberilipdi. Türkmen hökümetiniň «öňe gidişlik gazanmak üçin güýçli islegi» häzirki döwürde «bir ädim öňe, iki ädim yza» ýagdaýyna çalym edýär.

4 ÝEWROPA ŞEREKETLERINIŇ GAZ ÜÇIN TÖLEJEK PULLARYNYŇ ÄHLISI «GARA DEŞIKDE» ÝITIRIM BOLUP BILER.

Ähliumumy Şaýat guramasynyň «Muňa Gaz diýerler» atly teswirnamasynda resminamalar bilen subut edişine görä, Nyýazowyň häkimiýeti döwründe Türkmenistanyň tebigy gaz satyşyndan gazanan girdejileriniň köpüsi býudjete degişli däl näbelli fondlarda saklanýardy.[22] Bu fondlaryň iň ulusy, Frankfurtda Detsche Bankda saklanýan 3 milliard Amerikan dollaryndan ybarat Walýuta Ätiýaçlyk Fondy (WÄF) bolup durýardy. Nyýazow gazdan gazanylan girdejini polisiýa döwletini güýçlendirmek, öz raýatlaryny ezmek üçin ulanýardy, şeýle hem özüniň şahsyýet kultuny ymykly

ornaşdyrmak üçin ummasyz çykdajylar edip, göz gamaşdyryjy köşkler gurdurýardy, özüniň mukaddes yglan eden kitabyny mahabatlandyrýardy, hemişe güne seredip durýan altyn heýkelini gurmak üçin harçlaýardy.

Ýurduň maliye çeşmeleri häzirem bulam-bujarlykda şol döwürden kem galarly däl. 2008-nji ýylyň Oktýabr aýynda Prezident Berdimuhammedow täze bir «Durnuklylaşdyryjy Fonduň» döredilijekdigini habar berdi,[23] ýöne bu fonduň hökümetden garaşsyz dolandyryljakdygyna ynanmak kyn. Bu fond hem pullaryň ýitirim bolýan ýerine, edil WÄF ýaly «gara deşige» öwrülip biler.

Berdimuhammedowyň häkimiýeti döwründe ýagdaýyň azda-kände düzelip düzelmänligini aýtmak kyn, sebäbi gazdan gazanylýan girdejiniň nirä harçlanýanlygy hakda henizem hiç hili maglumat ýok diýen ýaly. Aç-açanlygyň şeýle pesligi sebäpli, Ýewropanyň Ösüş we Abadanlaşdyryş banky (EBRD) Türkmenistandaky häkimiýet çalşandygyna garamazdan, bu ýurda karzyna pul bermezlik syýasatyny dowam etdirýär.[24] Nyýazowyň häkimiýeti astyndaky Türkmenistan, hyzmatdaşlyk etmek üçin düýbünden ygtybarsyzdy. Nyýazow 1996-njy ýylda Trans-Owgan gaz geçirijisini gurmak üçin Argentinanyň Bridas kompaniýasy bilen ozal baglaşylan şertnamany üýtgedip, bu işi ABŞ-nyň Unocal kompaniýasyna beripdi. Netijede, ene bir taslama düýbünden durmuşa geçirilmän galdy, sebäbi ABŞ-nyň öňki Hazar sebtindäki energiýa boýunça diplomaty Stiw Mannyň öňe sürmegine görä, Nyýazow 5 milliard ABŞ dollarynyň öňünden tölenmegini talap edýärdi.[25] Bu näzirgemek endigi henizem dowam edýär. Köp çeşmeleriň tassyklamagyna görä,uly Günbatar energiýa kompaniýalarynyň biriniň işgärleri, 2008-nji ýylda atanlykda ýokary derejeli Türkmen ýolbaşçylarynyň biriniň gönüne degenligi zerarly, şondan bäri wiza alyp bilmän gelýärler.[26]

Has hem aladalandyrjy ýagdaý bolsa, Türkmenistandaky daşary ýurt kompaniýalary bilen önümçilik-paýlaşyk şertnamalary, aç-açan tender netijesinde baglaşylman, Berdimuhammedowyň hut özi bilen geçirilen gepleşikler arkaly baglaşylýar. Günbatarly bir nebit kompaniýasynyň ýolbaşçysy Ähliumumy Şaýat guramasyna şeý diýýär: «iş ýüzünde ahyrky kararlary berip bilýän ýeke-täk adam Prezidentiň özi bolup durýar».[27] Bir tarapdan, bu bulam-bujar ýagdaýda iş alyp barmaga döwtalap kompaniýalar döwlet işgärlerine bikanun pul bermäge mejbur bolyarlar, beýleki bir tarapdan bolsa, para beren kompaniýalar ABŞ Daşary Ýurtlarda Parahorluga Garşy Ykrarnamasy ýaly kanunçylyklar arkaly yzarlanýarlar. 90-njy ýyllaryň ortalarynda *Kazakgeýt* wakasynda ýüze çykarylan parahorluk ýagdaýlarynda, goňşy Gazagystanyň Prezidenti Nazarbaýew halkara nebit kompaniýalaryndan gelen pullary özüniň şahsy hasabyna geçirmekde günäkärlenipdi.[28] *Türkmengeýt* wakasynyň ýüze çykmagy hem gaty ähtimal. Ahliumumy Şaýat guramasy, Türkmenistanda maýa goýmagy meýilleşdirýän uly energiýa kompaniýalarynyň ençemesine hat ýazyp, olardan Türkmen hökümetine geçiren töleglerinin bikanun harçlanmagynyň öňüne geçmek üçin tölege degişli maglumatlary çap edip etmejekdigini sorapdyr. Bu hata jogap gaýtaran kompaniýalaryň aglaba köpüsi, Türkmen hökümetiniň rugsady bolmazdan beýle maglumaty çap etmejekdigini yglan edýär. Hökümetiň bolsa beýle zada rugsat bermejegi äşgärdir - ýokarda aýdylanlary jemlesek, Türkmen hökümeti aç-açanlyk hakda alada edip duranok. Kompaniýalar, aýdyňlyk meselesinde hiç zat edip bilmejekdigine ýa-da etmek islemeýändigine görä, muny amala aşyrmak Ýewropa Bileleşiginiň borjy bolup durýar. Türkmenistanyň energiýa pudagynda maýa goýmak isleýän kompaniýalaryň ählisi üçin belli ýörelgeler goýulmaly, muňa garamazdan, Ýewropa Bileleşiginiň häzirki wagtda gazdan başga islegi ýok ýaly.

Comics © David Rees. http://www.mnftiu.cc.

"Oturyň, jenap Prezident": Ýewropa Hökümetiniň Prezidenti José Manuel Barroso Berdimuhammedow bilen. Ýewropa Hökümeti, Türkmen diktatorynyň gönünden turmak üçin ýene nämeler ederkä?

Deslapky şertleri öňe sürmezden Türkmenistanda maýa goýumlary goýulsa, Günbatar energiýa kompaniýalary, ýurtdaky häkimiýetiň parahorluk we adam hukuklarynyň depelenmegi ýaly adatlaryna endik etmekleri ahmal.

5 ÝEWROPA HÖKÜMETI, TÜRKMENISTAN BILEN GATNAŞYKLARDA DÖWÜNIŇ ASGYNLYGYNA YNANÝAR. BU PIKIRIŇ ÖZI NÄDOGRY.

Ýewropa hökümetiniň agzalary, häzirki ýagdaýda parahorluk ýa-da adam hukuklary ýaly meselelerde Türkmenistandan güýçli çäreleri talap etmegiň mümkin däldigini, beýle etmegiň Türkmen Hökümetini Russiýanyň ýa-da Hytaýyn gujagyna iteklejekdigini öňe sürýärler.

Bu agzalar, energiýa ylalaşyklary gazanylandan soň, diňe energiýa söwdasyndan ybarat bolan gatnaşyklar, ýuwaş-ýuwaşdan Türkmenistdandaky ýagdaý babatynda Ýewropanyň öz talaplaryny durmuşa geçirmegine şert döretjekdigini, şeýdibem ýönekeý halkyň ýaşaýyş derejesiniň gowulanjakdygyny öňe sürýärler. Emma mundan öň Günbatar ýurtlarynyň Nigeriýa, Angola we Ekwatorial Gwineýa ýaly Afrika ýurtlaryndaky energiýa maýa goýumlary garyp halkyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrman, gaýtam halkyny ezýän hökümetleriň hasam güýçli ornaşmagyna ýol açypdy. Hazar deňziniň garşy ýakasynda ýerleşýän Azerbaýjanda hökümetiň gaznasyna halkara nebit kompaniýalaryndan gelýän girdeji soňky ýyllarda yzygiderli artýar, şeýle-de bolsa, bu ýurtda metbugat azatlygy, raýat hukuklary we demokratiýalaşma ýaly ugurlarda pese gaçyşlyk dowam edýär.[29] Ýewropa Hökümeti bolsa hyzmatdaşlygyň, name-de bolsa çetleşdirmekden has peýdalydygyny, sebäbi hyzmatdaşlyk edilse oňyn özgerişler üçin mümkinçilik dörejekdigini hasaplaýar. Emma deslapky şertleri öňe sürmezden energiýa pudagynda hyzmatdaşlyk etmek, onsuzam erbet ýagdaýyň hasam bulaşmagy bilen netijelener.

Tebigy gaz şertnamalary baglaşylandan soň Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistandaky täsiriniň artjakdygyny öňe sürmek gülkünçdir. Gaýtam bütinleý tersine bolmagam ahmal. Kompaniýalar infrastruktura üçin milliardlarça ýewro maýa goýsa we Ýewropa ýurtlary Türkmen gazyny alyp başlasa, bu goýumlary we gaz üpjünçiligini ýitirmezlik üçin, Ýewropa Hökümeti Türkmen hökümetiniň gönüne degmejek bolup, elinden gelenini eder. Deslapky şertleri orta atmagyň tüýs wagty şu wagt bolsa gerek.

Türkmenistan bilen gatnaşyklarda edil şu wagt Ýewropanyň döwi rüstem. Ýewropa Hökümeti bu ýagdaýdan peýdalanmagy başarmaly.

Aşgabadyň göz gamaşdyryjy binalary, Türkmenistanyň raýatlarynyň köpüsi üçin elýetmez arzuw bolmagynda galýar. *Surata düşüren: Ähliumumy Şaýat*

Ýokarda agzalan päsgelçilikleriň hemmesi aşylaýanda-da, Türkmen gazy Ýewropanyň energiýa bolan isleginiň ujypsyzja bölegini düzýär. Emma Türkmenistan munuň netijesinde energiýa pudagyndaÝewropanyň dünýä ülňülerindäki tejribelerinden we enjamlaryndan peýdalanar, halkara derejeli kompaniýalar bilen işleşmek arkaly abraýyny artdyrar we energiýa söwdasyndan milliardlarça ýewro girdeji gazanar. Stiw Mannyň pikiriçe «Nabucco taslamasy... Ýewropadanam beter Türkmenistan üçin möhüm ähmiýete eýedir».[30]

Türkmen hökümeti, gaz eksportynda Russiýa garaşlylykdan gutulmak isleýär, Ýewropa bolsa bu deňagramlylygy gurmaga oňa kömek edip biler. Bu iki ýurdy birleşdirýän geçirijide 2009-njy ýylyň Aprel aýynda bolan, sebäbi henizem anyklanmadyk partlama zerarly Türkmenistandan Russiýa gaz akyşy kesilipdi.[31] Russiýa satylýan gaz ýurduň esasy walýuta çeşmesi bolup hyzmat edýär, gaz akyşynyň kesilmegi bolsa şu wagt Türkmenistanda walýuta gytlygynyň çekilmegine getirýär.

Şeýle bolsa, näme üçin Ýewropa Hökümeti Türkmenistan bilen hyzmatdaşlykda adam hukuklary reformalaryny we iş gatnaşyklarynda aç-açanlygy deslapky şert hökmünde öňe sürenok? Hökümet näme üçin Ýewropany beýle arzan satýar?

Türkmenistana garşy has berk daraşmak üçin syýasy we ykdysady sebäplerden başga-da, ahlaky sebäpler hem ýok däl. Ýewropa Bileleşiginiň 2007-nji ýyldaky Orta Aziýa strategiýasynda şeýle dýilýär: «Ýewropa Bileleşigi bilen Orta Aziýa döwletleri arasyndaky hyzmatdaşlygyň miwe bermegi üçin halkara ülňülere laýyk, durnukly, aç-açan we adalatly jemgyýetleriň döredilmegi we ornaşdyrylmagy möhüm ähmiýete eýedir.»[32]

Ýewropa Hökümeti, birazajyk gaz alyp bilmek üçin Türkmen hökümetiniň öňüne iki bükülmek arkaly nädip «aç-açan we adalatly» Türkmenistan döretmek isleýärkä? Häzir alyp barylýan syýasat gelejegi görüp bilmeýän ynamsyz seljerişlere daýanýar, esasanam Türkmenistanyň halkyna hiç hili oňyn täsir etmejek özgerişler garşylygynda Ýewropanyň ýörelgeleriniň depelenmegine göz ýumulýar.

Ýewropa Hökümeti we Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar, Türkmen hökümetinden parahorlyga garşy we adam hukuklary hakda halkara ylalaşyklary tassyklamagyny talap edip bilerler. Bu ýurtlar,Turkmen hökümetiniň tebigy gaz satyşyndan gazanylan girdejiler we daşary ýurtlarda saklanýan gizlin fondlar hakda aç-açan maglumat bermegini soramalydyrlar.

Şeýle hem, Ýewropa Bileleşigi beýleki köp sanly ýurtlardan talap edýän we dünýäniň çar künjeginde kabul edilen söz azatlygyny öz halkyna bermegini Türmen hökümetinden yzygiderli islemelidir. Munuň garşylygy hökmünde bolsa,Türkmenistan öz halkynyň bähbidine gazyň girdejisini hasam artdyrmak üçin Ýewropanyň maýa goýumlaryny,tehniki kömegini we diplomatiki goldawyny alar. Şeyle etmek tüýs Ýewropa Bileleşigine mynasyp syýasat bolardy. Şu wagtky ýöredilýän syýasat gödek bir degişmä çalym edýär,ýöne onuň netijeleri Türkmenistanyň raýatlary we Ýewropanyň abraýy üçin gyzykly bolman biler.

REFERENCES

1 Azatlyk Öýi guramasy, raýat azatlyklary we syýasy hukuklar ýaly ugurlar boýunça Türkmenistany dünýäde «erbetleriň iň erbedi» hasaplanýan sekiz ýurduň arasynda görkezmegini dowam etdirýär. (http://freedomhouse.org/uploads/special_report/62.pdf). ABŞ-nyň Daşary işler Ministrligi 2008-nji ýylda şeýle diýdi: «Käbir oňyn özgerişlikleriň barlygyna garamazdan, ýurtda adam hukuklarynyň depelenmegi wakalary dowam edýär, azatlyklar meselesinde umumy ýagdaý erbetligine galýar». (http://www.state.gov/g/drl/rls/hrrpt/2007/100622.htm).

2 http://www.rsf.org/en-classement 794-2008.html

3 Halkara Aç-açanlyk guramasynyň Parahorluk Derejesiniň Tertibi teswirnamasynda Türkmenistan 1.8 utuk bilen 166-njy ýerde görkezilýär. (birinji orundaky ýurtda parahorluk iň az hasaplanýar). 2006-njy ýylda Türkmenistan 2.2 bilen 142-nji orunda durýardy, diýmek ýurtda bu ugurda ýagdaý hasam erbetleşipdir. Haçan-da demir ýumrukly diktator ölende köplenç halatda şeýle bolýar-kiçi derejeli işgärlerem arkaýyn para alyp başlaýarlar.

4 http://euobserver.com/9/25970

5 http://oilandglory.com/2009/04/nabucco-huckerism-iran-pollyanishness.html

6 http://www.forbes.com/feeds/ap/2009/10/23/business-as-turkmenistan-china_7036642.html, http://www.eurasianet.org/departments/news/eav092309a.s

7 Eýran Döwlet Habarlary Gullugy Mehriň 27-nji Sentýabrda Eýran Milli Gaz Eksport Kompaniýasy dolandyryş müdiri Reza Kasaeizadehe salgylanyp beren habarynda şeýle diýilýär: «Türkmenistanyň Hazar deňzinden üstaşyr Ýewropa gaz eksport etmegine rugsat bermeris» http://www.eurasianet.org/departments/news/eav092009.shtml

8 Ähliumumy Şaýat guramasy bilen Günbatar energiýa kompaniýasynyň işgäriniň duşuşygy, 2008-nji ýylyň Dekabr aýy.

9 Michael Denison, «ÝB we Orta Aziýa: Energiýa gatnaşyklaryny söwda gatnaşyklaryna öwürmek» EUCAM, 2009-njy ýylyň Iýul aýy. Şu salgyda elýeterli: http://aei.pitt.edu/11477/01/1883.pdf

10 http://arirusila.cafebabel.com/en/post/2009/05/21/is-it-time-to-bury-Nabucco

11 http://www.oilandgaseurasia.com/news/p/0/news/4068

12 http://in.reuters.com/article/oilRpt/idINLD61312820091013

13 http://www.boston.com/business/articles/2009/10

14 http://www.eurasianet.org/departments/news/articles/eav101309d.shtml

15 Serediň «Russiýa we GDA-nyň Gaz Bazary we onuň Ýewropa täsiri» Red. Simon Pirani, OUP, 2009, sah. 301-304

16 http://www.neurope.eu/articles/96989.php

17 http://www.europarl.europa.eu/sides/getDoc.do?type=REPORT&reference=A6-2006-0085&language=EN

18 http://www.europarl.europa.eu/sides/getDoc.do?pubRef=-//EP//TEXT+CRE+20090325+ITEM-008+DOC+XML+V0//EN

19 http://www.newseurasia.net/culture-and-history/5504/

20 Ähliumumy Şaýat guramasynyň geçiren söhbetdeşligi, 2009-njy ýylyň Sentýabr aýy.

21 http://www.rferl.org/content/Turkmen_Environmental_Activist_Given_FiveYear_Jail_Term/1864506.html, http://www.eurasianet.org/departments/news/articles/eav110609c.shtml

22 Ähliumumy Şaýat guramasy, «Muňa gaz diýerler: Türkmen-Ukraina gaz söwdasynda gülküňç işler» 2006-njy ýylyň Aprel aýy, sah. 32-59. Şu salgyda elýeterli: (in English) http://tinyurl.com/7mrh7x, (на русском) http://tinyurl.com/yzv9m7s.

23 http://www.turkmenistan.ru/?page_id=en&elem_id13829&type=event&sort=date_desc

24 http://www.ebrd.com/about/strategy/country/turk/strategyr.pdf. Ýewropanyň Ösüş we Abadanlaşdyryş Bankynyň täze strategiýasy 2009-njy ýylyň Dekabr aýynda mälim ediler, emma habar çeşmeleri Türkmen hökümetine karz bermezlik syýasatynyň dowam etdiriljekdigini aýdýarlar.

25 http://oilandglory.com/2009/04/nabucco-huckerism-iran-pollyanishness.html

26 Ähliumumy Şaýat guramasynyň geçiren söhbetdeşligi, 2009-njy ýylyň Oktýabr aýy.

27 Ähliumumy Şaýat guramasy bilen Günbatar energiýa kompaniýasynyň işgäriniň duşuşygy, 2008-nji ýylyň Dekabr aýy.

28 Serediň «Aç-açanlygyň wagty gelip ýetdi», Ähliumumy Şaýat guramasy, 2004-nji ýylyň Mart aýy, sah. 7-17. (на русском и английском) http://tinyurl.com/y8d8bof

29 «Azerbaýjan, ýurtdaky azatlyklaryň derejesi boýunça pese gaçmagyny dowam etdirýär, bu ýagdaý 2008-nji ýylyň Oktýabr aýyndaky adyl däl Prezident saýlawlary we Prezidentiň iş möhletine bolan çäklendirmeleri aýyrmaga çalyşmak ýaly hereketlerde mese-mälim görünýär. Ýurtda ähli güýç Prezident Ylham Alyýewiň we häkimiýet başyndaky Täze Azerbaýjan Partiýasynyň elinde jemlenýär» http://www.freedomhouse.org/template.cfm?page=22&year=2009&country=7560 Serhetsiz Galamgärler Guramasy, metbugat azatlygy boýunça Azerbaýjany 2002-nji ýýlda 101-nji orunda, 2008-nji ýylda bolsa 150-nji orunda goýýar. http://www.rsf.org/en-classement298-2002.html

30 http://oilandglory.com/2009/04/nabucco_huckerism_iran_pollyanishness.html

31 http://www.rferl.org/content/Pipel ne_Explosion_Stokes_

32 http://www.delkaz.ec.europa.eu/joomla/images/Strategy/eu-centralasia-strategy_en.doc

33 http://www.youtube.com/watch?v=Yv1Z5Zu5oO4

Global Witness
6th Floor
Buchanan House
30 Holborn
London
EC1N 2HS

Email: mail@globalwitness.org
http://www.globalwitness.org

Global Witness investigates and campaigns to prevent natural resource-related conflict and corruption and associated environmental and human rights abuses.

© Global Witness Ltd. 2009

global witness